# Kinaýa

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kinaýa KINAÝA




Bäş manatlyk harydy ondan añry satmasañ,
Didiwana mündürip dogry çenäp atmasañ,
Demirden gapy ýasap berk gurup ýatmasañ,
Bu döwür döwür bolmaz, öýüñe döwlet gelmez.
Okap alan bilmiñden arany tiz açmasañ,

Ýagşy niýet adamy görüp ondan gaçmasañ,
Ýalandan haryt tapyp ant baryn içmeseñ,
Bu döwür döwür bolmaz, öýüñe döwlet gelmez.

Jeleplige ýüz urup öz teniñi satmasañ,
Butlaryñy güjeñläp maşyna gol atmasañ,
Türke, Parsa gol berip, Owgan sary gitmeseñ,
Bu döwür döwür bolmaz, öýüñe döwlet gelmez.

Geroine ýüz urup tirýekden el çekmeseñ,
Çüýşelere suw guýup etil-spirt satmasañ,
«Walla kessin, zawodskoý» diýip birine çatmasañ,
Bu döwür döwür bolmaz, öýüñe döwlet gelmez.

Annameret DURDYMÄMMEDOW.
(Meýlis HASAR). Goşgular